# Aýyň bolaýyn

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Aýyň bolaýyn AÝYÑ BOLAÝYN

Bagt yşygyn ýakmak üçin dünýäňde,
Saba-säherleriň, daňyň bolaýyn.
Bir pursatlyk salgymlara güýmenme,
Ajap, aýdym, mukam heňiň bolaýyn.

Göwnüm gidip kölge inen roýuňa,
Gülüp gelen gülli ýazyň bolaýyn.
Gamly pikirleri ýygsaň oýuňa,
Şatlygy çagyrýan sazyň bolaýyn.

Çarhypelek göwnüň kimin gelmese,
Tamalaryň güneş kimin gülmese,
Ýalňyz köňlüň bir sonarlyk islese
Ýaşyl kölüň, guba-gazyň bolaýyn.

Ýörejek ýoluňa gül sepeýinmi,
Lagly-merjen, göwher, dür seçeýinmi?
Göwnüňden uçuran kepderleriňi,
Yzyna dolajak ýaňyň bolaýyn.

Tümlüge gol beren yşsyz dünýäňde,
Şugla saçyp durjak aýyň bolaýyn!
Bir pursatlyk salgymlara güýmenme,
Uzat eliň, höwür-taýyň bolaýyn! Goşgular